Germaniýa Federatiw Respublikasynyň
Ilçihanasy
Aşgabat

Oktýabr 2024

# Şahsy syýahat

1. Eger mümkinçiligiňiz bar bolsa, bu ýatlamany çap etmegiňizi haýyş edýäris.
2. Aşakdaky görkezmeleri üns bilen okaň.
3. Wiza almak üçin resminamalaryňyzy ýygnaň.
4. Resminamalaryňyzy ýatlama boýunça tertipläň.
5. Ýatlamany çap edeniňizden soň, tabşyrýan delilnamaňyzy atanak belligi bilen belläň.
6. Ähli resminamalary daşsyz we berkitmesiz tabşyrmagyňyzy haýyş edýäris.
7. Ilçihana web-sahypasynda deslapdan hasaba durmagy maslahat berýär.

Köp iş ýüki we ähli raýatlar üçin deň hyzmat bermegiň kepilligi sebäpli wiza bölümi resminamalary bellenilen tertipde aýratynlykda kabul edýär.
Ilçihananyň ähli görnüşleri, ýatlamalary we soragnama-beýannamalary mugt berilýär.
Wiza almagyň tertibi bilen baglanyşykly ähli maglumatlary ilçihananyň www.asch.diplo.de web sahypasyndan görüp bilersiňiz

Şu aşakdakylara üns bermegiňizi haýyş edýäris:

- Germaniýanyň Aşgabatdaky ilçihanasy diňe esasy ýaşaýan ýeri şu aşakdaky ýurtlar bolan ýagdaýynda wiza arzalaryny kabul edýär: **Awstriýa, Belgiýa, Germaniýa, Gresiýa, Estoniýa, Ispaniýa, Latwiýa, Lýuksemburg, Niderlandlar, Norwegiýa, Portugaliýa, Finlýandiýa, Şwesiýa we Şweýsariýa (diňe Diplomatik we Gulluk pasport eýeleri üçin)**
- Meýilleşdirilen syýahatdan 6 aý öň wiza üçin ýüz tutup bilersiňiz.
- Resminamalara seretmegiň wagty adatça 15 senenama gününe deňdir.
- Wiza resminamalaryna seretmegiň tölegi 90 ýewro bolup durýar. 6 ýaşa çenli çagalar konsullyk tölegini tölemekden boşadylýarlar. 6 ýaşdan 12 ýaş aralygyndaky çagalar üçin konsullyk tölegi 45 ýewro bolup, ilçihananyň iň soňky hümmeti boýunça ABŞ-nyň dollarynda nagt tölenýär. Banknotlar täze bolmaly, hapalanan ýyrtylan bolmaly däl, ýazgysyz we möhürsiz bolmaly.
  Arza ret edilen ýa-da yzyna gaýtarylan ýagdaýynda, resminamalara seretmek üçin tölenen töleg yzyna gaýtarylmaýar.
- Resminamalaryň doly berilmezligi ret edilmegine sebäp bolup biler.
- Käbir ýagdaýlarda ilçihana goşmaça resminamalary talap etmek hukugyny özünde saklaýar.
- Resminamalaryň doly görnüşinde görkezilmegi wiza almak hukugyny subut etmeýär.
- Ilçihana tarapyndan **talap edilmedik**, poçta ýa-da elektron poçta arkaly iberilen resminamalar hasaba alynmaýar

**Aşakdaky resminamalar tabşyrylýar:**
**Tabşyrýan resminamalaryňyzy çep gutujykda (X) bilen belläň**

| **Resminamalaryň esasy sanawy** | |
|---|---|
| ☐ | **Soragnama-Beýannama**<br>ýüz tutujynyň şahsy goly bilen doly doldurylan görnüşde<br>*(kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin hossarlarynyň biriniňki)* |
| ☐ | **Bir sany işjeň surat**<br>biometriki, retuşirlenmedik<br>*(surat ýelmenmeli däldir)* |
| ☐ | **Saglyk ätiýaçlandyryşy**<br>boljak ähli döwri üçin Şengen ştatlarynyň hemmesi üçin hereket edýän, iň az ätiýaçlandyryş kepilligi 30.000 Ýewro bolmak şerti bilen saglyk ätiýaçlandyryşy<br>Köp gezeklik, ýyllyk ýa-da köp ýyllyk wiza üçin ýüz tutanyňyzda - diňe ilkinji syýahat üçin |
| ☐ | **Daşary ýurtlarda ulanmak üçin pasport**<br>- azyndan 2 boş sahypanyň bolmagy;<br>- talap edilýän wiza tamamlanandan soň azyndan 3 aý hereket edýän möhleti bolmaly;<br>- pasportyň berilýän möhleti 10 ýyldan köp bolmaly däldir |

| | |
|---|---|
| **Syýahatyň maksadynyň tassyklanmagy**<br>Eger-de Germaniýada ýaşamak hakyndaky kanunyň §§ 66-68 maddasyna laýyklykda, Germaniýanyň daşary ýurtly raýatlaryň işleri boýunça edarasy tarapyndan syýahat çykdajylaryny we ýurtdan çykarylmagy boýunça çykdajylary öz üstüne alýan üçünji şahsyň beýany maliýeleşdiriş tassyklamak üçin berlen bolsa (= Verpflichtungserklärung - diýlip atlandyrylýan bu çakylyk) aşakdaky resminamalar talap edilmeýär. | |
| ☐ | Çakylyk berýän adam tarapyndan gol çekilen ýönekeý hat görnüşinde çakylyk, (talap edilse, nemes ýa-da iňlis diline terjimesi bilen)<br>**we**<br>çagyrýan adamyň daşary ýurt pasportynyň maglumatlary görkezilen sahypalarynyň ýa-da şahsy şahadatnamasynyň nusgasy (üçünji ýurt raýatlar ýaşamak üçin rugsatnamanyň göçürmesini hem goşmaly) |
| **Maliýeleşdirmäni tassyklamak**<br>Düzgün bolşy ýaly, adam başyna bir günde 45 ýewro möçberinde maliýe serişdeleriniň subutnamasyny bermek hökmany bolup durýar. | |
| ☐ | Bankdan kepilnama ýa-da hasapdan göçürme<br>**ýa-da**<br>kredit kartoçkalary we kredit kartoçkalaryndan göçürmeler<br>**ýa-da**<br>Germaniýanyň daşary ýurtly raýatlaryň işleri boýunça edarasy tarapyndan syýahat çykdajylaryny we ýurtdan çykarylmagy boýunça çykdajylary öz üstüne alýan üçünji şahsyň beýany (Germaniýada ýaşamak hakyndaky kanunyň §§ 66-68 maddasyna laýyklykda düzülendir Verpflichtungserklärung).<br>**asyl nusgasy we göçürmesi** - möhleti berlen senesinden başlap 6 aýy geçmeli däldir |
| **Dolanmaga taýýarlyk**<br>Ilçihana bu resminamalar bolan ýagdaýynda ýüz tutujynyň Türkmenistana yzyna dolanjakdygy barada öňünden aýdyp biler. | |
| ☐ | **<u>Işleýänler üçin:</u>**<br>zähmet depderçesi we iş ýerinden rugsat berilýändigi hakynda kepilnama, Şu maglumatlary görkezmek bilen – familiýasy, ady, zähmet haky, möhletini görkezmek bilen rugsadyň dowamlylygy, iş berijiniň doly salgysy we telefon belgisi<br>*(berlen möhlet 1 aýdan geçmedik asyl nusgasy)*<br>**Telekeçiler üçin:**<br>Hususy kärhananyň patenti **ýa-da** hasaba alyş şahadatnamasy (**asyl nusgasy** we **göçürme nusgasy**)<br>**Okuwçylar we talyplar üçin:**<br>mekdebiň we degişli ýokary okuw jaýynyň şahadatnamasy<br>Okuwyň ähli döwri üçin sapaklardan boşadylandygy barada bilim edarasynyň şahadatnamasy, <u>diňe</u> syýahat <u>dynç alyş günlerinden başga günlerde</u> meýilleşdirilen bolsa (**asyl nusga**)<br>**Napagada bolanlar üçin**<br>Alýan napaga mukdaryny görkezýän napagasy hakynda şahadatnama (**asyl nusgasy** we **göçürme nusgasy**) |
| ☐ | Maşgala ýagdaýy hakynda kepilnamalar:<br>Nika şahadatnamasy ýa-da nikanyň bozulandygy hakynda şahadatnama<br>Çagalaryň dogluş hakyndaky şahadatnamalar we ş.m. (**asyl nusgasy we göçürme nusgasy**) |
| ☐ | Şengen döwletlerinde, Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygynda, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda we beýleki şuňa meňzeş ýurtlarda öň bolandygynyň tassyknamasy (mysal üçin wizalaryň **nusgalary**) |
| ☐ | Türkmenistanda gozgalmaýan emläginiň tassyknamasy |
| **Hossarsyz syýahat edýän 18 ýaşa ýetmedik çagalar üçin, goşmaça:** | |
| ☐ | Iki hossardan gitmäge razylyk berýän notarius tarapyndan tassyklanan resmi tassyknama (asyl nusgasy we göçürme nusgasy)<br>we<br>syýahat etmäge razy bolan hossaryň içerki ýa-da daşary ýurt pasportynyň şahsy maglumatlary görkezilen sahypasynyň göçürmesi |